# Käşirmi ýa kelem? / durmuşy wakajyk

Category: Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
Käşirmi ýa kelem? / durmuşy wakajyk KÄŞIRMI ÝA KELEM?




Noýabr.

Özem tüýs: “noý-ý-ýa-wyr-r-rda” diýlip, hyňranybrak diýilýän hilisi.
Sowuk manysynda.
Kärendesine alnan mellekde aga-ini käşir ýygyp ýörler.
Mellek täze berlendigi sebäpli, daş-töwerekde jaý, haýat ýok. Kolhozyň öňki oba etek ekin meýdany. Alaň-açyklyk. Gapdalyndanam garaýol geçýär.
Birdenkä bir “üçünji wüpüsge” diýilýän, saryreňk “žiguli” deňelerinde togtaýar. Içinden “akja ýüzli, gökje gözli, “gäroşök” diýilýän, agymtyl köýnekli, äýnekli, tyrrykbalak” biri çykýar.
-Yzzärow, pasaňlar!-diýýär.
Bularam kalhozçy bolsalaram, ula salam bermek öwredilen, edepli çagalar: “Zarow-da, zarow” boluşýarlar.
Onsoň, şol, ýaşy otuzdan agyberenräk “külturnyý” pyýada oglanjyklardan soraýar:
-Kelem näden, byratiýişgeler?!
-Kelem däl, käşir bi, agam!-diýip oglanjyklaryň ulusy, edepsizligem bolsa, özünden ula düzediş berýär.
-A menem şony diýýän-dä. “Kelemiň bahasy isgolko?” diýip soraýan-a, byraşişga! Ýa sapsym niwazmožny zat diýýäňmi şumat?!
Oglanjyk sesini çykaranok. Belki, näme diýjegini bilýän däldir.
Ol adam bolsa, belki, garaýoldan palçygrak ýere düşüp, köwşüni hapalasy gelýän däldir, ulagyndan kän daşlaşman durşuna, oglanjygyň bolşuna az-owlak gaharlanjak bolýar:
-Aýt-da, byraşižga! Paçemu tarmazit edýäň? Kelem näçeden?
Oglanjyk ýarylýar:
-Kelem dä-how, agam! Käşir-ä bi, käşir! Ine seret!-diýýär-de, ol jigisi bilen ýygyp desseleýän käşirlerinden bir gysymyny alýar-da, olaryň gulpagyny silkeläp görkezýär.
Ýolda duranyň “külturnyý” keşbine kül urlana dönýär. Ol ýüzüni boz-ýaz edip, başyny ýaýkaýar-da, hüňürdeýär:
-Wäpçe nikakoý waspitanny ýog-aý, şü kalhozçylaň çagasynda-da! Näme diýseň tersiňden hwatat edip ýatyrlar-ow, yswolyçlar!
Şeý diýýär-de, ol tasanjyrap ulagyna münýär. Ýer peşedip, ötägidýär.
Oň yzyndan agzyny öweldip duran kiçi oglanjyk bolsa:
-Sammyg-ow, bi şähernoýlar! Kelem bilen käşiriň tapawudynam bilenoklor-o-ow!-diýip, ýykyr-ýykyr gülmäge başlaýar.

Ýatlamalar